Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 106-Ö belgili
B U Ý R U G Y

**«Aw awlamagyň düzgünlerini tassyklamak hakynda»**

2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynyň dördünji bölegini ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Aw awlamagyň düzgünlerini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi ministriň orunbasary N.Jumaşowa tabşyrmaly.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 11-nji aprelinde
çykaran 106-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Aw awlamagyň düzgünleri

### I bap. Umumy düzgünler

1. Aw awlamagyň düzgünleri (mundan beýläk - Düzgünler) “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlandy we Türkmenistanyň çäginde aw awlamak bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär we aw awlamagyň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Düzgünlerde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) aw awlamak – aw obýektlerini awlamak maksady bilen olary gözlemek, yzarlamak we aldawa salmak boýunça işleri amala aşyrmagy özünde jemleýän, atmak ýa-da tutmak arkaly haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanmagyň görnüşi;

2) aw baýlyklary – “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hem-de aw hojalygyny ýöretmek babatda işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan, Türkmenistanyň çäginde tebigy erkin ýagdaýda ýa-da ýarym erkin ýagdaýda ýaşaýan haýwanat dünýäsiniň obýektleri;

3) haýwanat dünýäsiniň obýektleri – haýwan gelip çykyşly organizmler (ýabany haýwanlar, guşlar, suwda ýaşaýan oňurgaly haýwanlar);

4) aw gurallary – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aw ýaragyna degişli bolan ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglar we ok-däriler, şeýle hem aw awlamagyň beýleki serişdeleri (aw itleri, elguşlar we beýlekiler) we Türkmenistanyň kanunçylygy bilen rugsat edilen aw obýektini aldawa salmak, gözlemek, yzarlamak we awlap almak üçin ulanylýan beýleki gurallar;

5) aw önümleri – aw awlamagyň barşynda awlanylyp alnan aw obýektleri ýa-da aw baýlyklary, şeýle hem olardan alnan et, deriler, şahlar, toýnaklar, iç goşlar we bedeniň galan bölekleri hem-de beýleki aw trofeýleri;

6) aw trofeýleri – awlanylan ýabany haýwanlaryň läşleri, gäpleri, derileri, şahlary, toýnaklary, kelle çanaklary, dişleri we bedeniň beýleki bölekleri;

7) aw meýdanlary – aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawy bolan, aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek üçin ulanylýan ýerler ýa-da ýerüsti suw obýektleri, şol sanda Hazar deňziniň türkmen böleginiň akwatoriýasynyň çäkleri;

8) awçy – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aw awlamaga hukuk berlen Türkmenistanyň raýaty, Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýaty ýa-da raýatlygy bolmadyk adam;

9) ygtyýarlandyrylan edara – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi.

3. Aw baýlyklaryny goramak we rejeli peýdalanmak, olaryň biologik dürlüligini gorap saklamak, aw baýlyklarynyň ekologiýa, ykdysady we beýleki gymmatlyklaryny göz öňünde tutup, olaryň peýdalanylmagynda çäkler boýunça hukuk düzgünini bellemek, ynsanperwerligiň umumy ýörelgelerine laýyk gelýän, haýwanlara rehimsiz çemeleşilmegine ýol bermeýän aw gurallaryny we usullaryny ulanmak bilen aw obýektlerinden peýdalanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirmek şu Düzgünleriň maksady bolup durýar.

4. Şu Düzgünleriň talaplarynyň eýeçiliginiň görnüşine garamazdan aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak, olary dikeltmek, üznüksiz köpeltmek we durnukly peýdalanmak bilen meşgullanýan ähli aw hojalyklary, awçylar, aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar, aw hojalygyny ýöredijiler we awçylar jemgyýeti tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

5. Türkmenistanda aw awlamagyň şu görnüşleri amala aşyrylyp bilner:

1) aw meýdanlarynda awçylar tarapyndan işjeň dynç almak we aw önümine bolan şahsy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin amala aşyrylýan höwesjeň aw awlamak;

2) aw meýdanlarynda ygtyýarlandyrylan edaranyň buýrugy bilen aw obýektiniň belli bir görnüşine berilýän rugsatnama esasynda ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan amala aşyrylýan aw önümlerini almak we ýerlemek üçin senagat maksatly amala aşyrylýan aw awlamak;

3) aw meýdanlarynda aw obýektlerini awlamak üçin möwsümleýin aw ýollanmasyny we (ýa-da) awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnamany alan awçylar tarapyndan güzeran maksatly amala aşyrylýan aw awlamak;

4) ygtyýarlandyrylan edaranyň rugsatnamasy esasynda ylym, bilim edaralary we beýleki guramalar tarapyndan aw meýdanlarynda we aýratyn goralýan tebigy ýerlerde aw baýlyklaryny gaýtadan uýgunlaşdyrmak (Türkmenistanda duş gelmeýän görnüşler muňa degişli däldir) boýunça işleri, şeýle hem ylmy-barlag, bilim we medeni işleri geçirmek maksatly amala aşyrylýan aw awlamak;

5) ilatyň saglygyna we haýwanat dünýäsiniň obýektlerine howp salýan epizootiýa howpunyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly degişli döwlet edaralarynyň çözgütleri we rugsatnamalary esasynda ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan amala aşyrylýan aw awlamak;

6) ilatyň saglygyny goramak we halk hojalygyna zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen, şeýle hem ýabany haýwanlaryň ýaýran görnüşleriniň sanyny kadaly ýagdaýda saklamak üçin amala aşyrylýan aw awlamak.

6. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astynda duran ýabany haýwanlary we guşlary awlamak gadagandyr.

## II bap. Aw awlamaga hukuk

7. Türkmenistanyň çäginde, aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar bolup durýan Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetiniň (mundan beýläk - Awçylar jemgyýeti) agzalary, şeýle hem döwlet pajyny we agzalyk tölegini töleýän, agzalyk şahsyýetnamasyny (şu Düzgünlere 1-nji goşundy), aw obýektini awlap almak üçin möwsümleýin aw ýollanmasyny (şu Düzgünlere 2-nji goşundy) we (ýa-da) awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnamany (şu Düzgünlere 3-nji goşundy) alan fiziki şahslar aw awlamak hukugyndan peýdalanýarlar.

Awçylar jemgyýetiniň agzalygyna kabul edilmegiň tertibi, Awçylar jemgyýetiniň agzalarynyň hukuklary we borçlary şol jemgyýetiň Tertipnamasy bilen kesgitlenilýär.

Aw ýollanmasy aw möwsümi tamamlanandan soň doldyrylan görnüşde awçylar tarapyndan yzyna tabşyrylmaly.

8. Aw awlamagy amala aşyrmak üçin şular esaslar bolup durýar:

1) Awçylar jemgyýeti tarapyndan berilýän agzalyk şahsyýetnamasy we onda her ýylky agzalyk tölegleriň tölenendigi barada bellik;

2) aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar tarapyndan berilýän möwsümleýin aw ýollanmasy;

3) aw obýektleriniň aýratyn görnüşlerini awlamak üçin ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnama;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralary tarapyndan berilýän aw ýaragyny saklamak we ýanynda götermek hukugyny berýän rugsatnama.

9. Aw obýektleriniň aýratyn görnüşlerini awlamak üçin awça Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan bir gezeklik tölegli rugsatnama berilýär. Aw obýektleriniň aýratyn görnüşleriniň diňe birini awlamaga rugsat berilýär. Aw obýektleriniň aýratyn görnüşlerini awlanda, awçy tarapyndan rugsatnamanyň ulanylandygy hakynda hasabat (şu Düzgünlere 4-nji goşundy) düzülip, iki hepdäniň dowamynda Ygtyýarlandyrylan edara tabşyrylmalydyr.

10. "Ýarag hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, awçynyň Awçylar jemgyýetindäki agzalygy onuň ýylmanak nilli aw ýaragyny edinmegi üçin esasdyr. Awça aw ýaragyny edinmäge, saklamaga we peýdalanmaga rugsatnama Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralary tarapyndan berilýär.

11. Daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistanyň çäginde aw meýdanlaryndan peýdalanmak hukuklary ygtyýarlandyrylan edaranyň rugsady esasynda berilýär.

12. Aw awlamaga gidilende, aw awlanylýan meýdanlarda, awdan gaýdylyp gelnende, aw awlanan mahalynda tutulan ýabany haýwanlar we guşlar daşalanda, aw önümleri ýerlenende awçynyň ýanynda aw awlamaga hukuk berýän awça berilýän möwsümleýin aw ýollanmasy we zerur halatynda, bir gezeklik tölegli rugsatnamasy hökman bolmalydyr we Ygtyýarlandyrylan edaranyň we Awçylar jemgyýetiniň aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamlarynyň talaby boýunça resminamalaryny olara görkezmäge borçludyr.

13. Aw awlamaga hukuk berýän agzalyk şahsyýetnamasynyň, awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnamanyň we möwsümleýin aw ýollanmasynyň ýok mahalynda ýa-da olaryň hereket ediş möhleti tamamlanandan soň, şeýle hem başga adamlaryň adyna resmileşdirilen rugsatnama we ýaraglary ulanyp aw awlamak gadagandyr.

## III bap. Aw awlamagyň möwsümi we aw meýdanlary

14. Türkmenistanyň çäginiň aýry-aýry aw awlanylýan meýdanlarynda ýabany haýwanlaryň sany, köpelişi we ýaşaýyş ýagdaýy barada bar bolan maglumatlara we aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatynda degişli edaralaryň tekliplerini göz öňünde tutup, awlanylýan ýabany haýwanlary gorap saklamak we köpeltmek şertlerini berjaý etmek hem-de awçylaryň isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen Ygtyýarlandyrylan edaranyň aw möwsümini açmak baradaky buýrugy bilen her ýyl üçin aw awlamagyň möhletleri (mundan beýläk – aw möwsümi) we aw meýdanlary bellenilýär.

Ygtyýarlandyrylan edaranyň aw möwsümini açmak baradaky buýrugy her ýyl 15-nji iýuldan gijä galman çykarylýar we buýrugyň bir asyl nusgasy Awçylar jemgyýetine ugradylýar, şeýle hem bu barada habar metbugatda çap edilýär. Ygtyýarlandyrylan edaranyň her ýyldaky aw möwsümini açmak

baradaky buýrugynyň maglumatlaryny özünde jemleýän kitapça Awçylar jemgyýetiniň agzasy bolan her bir awça berilmelidir.

Kitapçanyň çap edilmegi we ýaýradylmagy Awçylar jemgyýeti tarapyndan amala aşyrylýar.

15. Ygtyýarlandyrylan edaranyň aw möwsümini açmak baradaky buýrugynda aw awlamagyň gadagan edilen ýerleri we “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasyna laýyklykda, aw awlamakdaky gadaganlyklar anyk kesgitlenýär. Mundan başga-da, howanyň amatsyz gelen şertlerinde (gyş möwsüminiň gazaply we dowamly, ýazyň gurak, ýagyşsyz gelen ýyllarynda, güýçli doňaklykda, garyň uzak wagtlap saklanmagynda, ýeriň we suwuň buz bilen örtüleninde, ýangyn, ýokanç keseller we beýleki adatdan daşary ýagdaýlarda) ýabany haýwanlaryň we guşlaryň köpçülikleýin gyrylmagynyň öňüni almak, olaryň populýasiýasyny gorap saklamak üçin Türkmenistanyň ähli çäginde, aw ýaragy, şol sanda ähli gurallar we serişdeler bilen aw awlamaga gadaganlyk bellenilip bilner.

16. Ygtyýarlandyrylan edaranyň aw möwsümini açmak baradaky buýrugy esasynda aw meýdanlarynda (Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleri muňa degişli däl) aw möwsüminiň bütin dowamynda:

1) möjegi, şagaly, tilkini we garsagy (zerur bolan halatynda ýylyň dowamynda) awlamaga;

2) aw awlamak üçin mydama ýapyk bolan aw guşlarynyň köpelýän ýerlerinden başga ýerlerde, özlerine degişli hususy eýeçiligindäki ýaragyny ýa-da ýörite berkidilen gulluk ýaragyny götermäge, ulanmaga we saklamaga Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan berlen rugsatnamasy bar bolan ýagdaýynda, bal arylary saklanylýan meýdanlarda we şol ýerleriň 100 m. töwereginde bal arylary ýok edýän ýaşyl we altynsow daraklyk guşlary awlamaga;

3) ýaragy ulag serişdelerinde daşlykly we oksuz görnüşinde saklamaga rugsat berilýär.

17. Aw möwsüminde Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň düzgünlerini berjaý etmek şerti bilen, Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerlerinden başga ýerleriň hemmesinde höwesjeň awçylara Ygtyýarlandyrylan edaranyň buýrugynda görkezilen guşlara we ýabany haýwanlara anyk wagtyň dowamynda adaty we halkaly gumrylary, gögerçinleri (ýabany kepderileri) we meýne guşlary, sakarbaraklary, ördekleri, tersaýaklary, uly we kiçi garajagazlary, goňurarka çuluklary, ýabany haýwanlaryň köpeldilýän ýeri bolan “Bakja”, “Jeren” meýdanlaryndan başga ýerlerde maral käkilikleri, çil käkilikleri, gylguýruklary, bagyrtlaklary we dykdykylary, ýörite rugsatnama esasynda ýekegapanlary, Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerlerinden we Lebap welaýatynyň Darganata etrabynyň hem-de Seýdi şäheriniň çäklerinden başga ýerlerde berkidilen aw meýdanlarynyň hemmesinde towşanlary awlamaga rugsat berilýär.

18. Aw awlamaga rugsat edilýän meýdanlar:

1) berkidilen aw meýdanlary – aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar bolup durýan ýuridik şahslar tarapyndan, şol sanda Awçylar jemgyýeti tarapyndan “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryna laýyklykda peýdalanylýan meýdanlar;

2) umumy peýdalanylýan aw meýdanlary – awçylaryň, aw awlamak maksady bilen erkin bolmagyna hukugy bolan, aw meýdanlaryndan peýdalanyjylara berkidilmedik meýdanlar.

19. Şu meýdanlarda aw awlamak gadagan edilýär:

1) aýratyn goralýan tebigy ýerler;

2) ilatly ýerler:

a) obalar we olara ýanaşyk 500 metr uzaklykdaky meýdanlar;

b) şäherler, şäherçeler hem-de olara ýanaşyk 2 kilometr uzaklykdaky meýdanlar;

3) senagat, hojalyk, sagaldyş-dikeldiş, dynç alyş-sagaldyş, goranmak maksatly ýerler hem-de beýleki ýörite ähmiýetli obýektler, şeýle hem olara ýanaşyk 500 metr uzaklykdaky meýdanlar;

4) geologiýa agtaryş işleriniň ýerleri we ulag kommunikasiýalarynyň degişli ýerleri;

5) ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerleri we olara ýanaşyk 500 metr uzaklykdaky meýdanlar;

6) haýwanlaryň arasynda ýokanç keselleriň giňişleýin ýaýran ojagyndan 20 kilometr uzaklykdaky meýdanlar;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen beýleki ýerler.

## IV bap. Aw gurallary we olara bildirilýän talaplar

20. Aw gurallaryna şular degişlidir:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aw ýaragyna degişli bolan ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglar we ok-däriler;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde rugsat berlen aw obýektini aldawa salmak, gözlemek, yzarlamak we awlap almak üçin ulanylýan serişdeler;

3) aw itleri, elguşlar.

21. El bilen atylýan söweşjeň we sowuk ýaraglaryň, ýaýlaryň we arbaletleriň, özbaşdak ýasalan ýaraglaryň, tutujy çukurlaryň, bäşlik belgiden ýokary bolan gapanlaryň, halkalaryň, gaňyrçaklaryň, perde-germewaçlaryň, torlaryň, ýiti yşykly çyralaryň (prožektorlar), partlaýjy maddalaryň, awularyň, ukladyjy serişdeleriň (trankwilizatorlar), ýelimleriň we beýleki howply gyryjy we maýyp ediji gurallaryň aw awlamak maksady bilen ulanylmagy gadagan edilýär.

**§1. Ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglar we ok-däriler bilen aw awlamak**

22. Şu Düzgünlerde görkezilen aw ýaragyna degişli bolan ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglary we ok-därileri edinmek, saklamak we peýdalanmak, şeýle hem olary Türkmenistanyň çägine getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň ýörite rugsatnamasy esasynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen aw ýaragyna degişli bolan ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglary we ok-därileri edinen we saklaýan raýatlar Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynda ýörite hasapda durýarlar. Bu ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglar we ok-därileri olaryň eýeleri tarapyndan ýörite ýasalan demir seýflerde, gapysy gulplanan ýagdaýda saklanmalydyr we beýleki maşgala agzalarynyň elýeterinden goragly bolmalydyr.

23. Aw ýaragynyň we ok-därileriň ýerlenilmegi Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň we Awçylar jemgyýetiniň degişli rugsatnamalary bolan söwda nokatlary tarapyndan amala aşyrylýar.

24. Şu Düzgünleriň ýigrimi üçünji böleginde görkezilen söwda nokatlaryndan satyn alnan, awça berilýän agzalyk şahsyýetnamasynda bellik edilen, aw ýaragyna degişli bolan ok atýan, pnewmatik, sowuk ýaraglar we ok-däriler awçynyň eýeçiligi bolup durýar we onuň ýaşaýan ýeri boýunça ýazgyda duran ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige alnan ýeri, eger-de, ýazgyda durmadyk ýa-da bellige alynmadyk bolsa onda onuň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça ýaşaýan salgysy boýunça öz ýanynda saklanýar. “Ýarag hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 28-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlarda ýarag we ok däriler awçylardan Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň degişli edaralary tarapyndan, tebigaty goramak kanunçylygynyň bozulmalarynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň edaralary tarapyndan, Türkmenistanyň Gümrük kodeksinde göz öňünde tutulan halatlarda gümrük edaralary tarapyndan alnyp bilner. Ýaragy we ok-därileri almagyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär.

25. Şu Düzgünlerde görkezilen aw ýaragy agzalyk töleginiň tölenendigi barada bellik edilen awça aw awlamaga hukuk berýän bir gezeklik tölegli rugsatnamasy we Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň aw ýaragyny edinmäge rugsatnamasy bolan adama berilip bilner. Aw ýaragynyň edinilendigi barada awçynyň agzalyk şahsyýetnamasyna ýazylan bolmalydyr.

26. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň rugsatnamasy alnandan soňra edinilen aw ýaragy 10 (on) günüň dowamynda bu rugsatnamany beren edarada hasaba alynmalydyr. Hasaba alynmadyk ýa-da başga adamlaryň adyna hasaba alnan aw ýaragy bilen aw awlamak gadagandyr.

27. Adamyň janyna we saglygyna howp salýan, şeýle hem öý haýwanlarynyň üstüne hüjüm edýän haýwany zyýansyzlandyrmak maksady bilen, awçа aw ýaragyny gaýragoýulmasyz ýagdaýlarda zerur çäre hökmünde mejbury peýdalanmaga rugsat berilýär. Aw ýaragy mejbury peýdalanylan halatynda awçy töweregindäki adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmäge borçludyr.

28. Awçy tarapyndan aw ýaragy mejbury peýdalanylan her bir ýagdaý barada maddy subutnamalar hökmünde ykrar edilip bilinjek zatlary toplap, haýal etmän Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralaryna habar berilmelidir we ol ýagdaýlar Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan hasaba alynmalydyr.

## §2. Aw obýektini aldawa salmak, gözlemek, yzarlamak we awlap almak üçin ulanylýan serişdeler

29. Aw obýektini aldawa salmak, gözlemek, yzarlamak arkaly awlap almak üçin ulanylýan serişdelere gapanlar, gäpler, guşlaryň we haýwanlaryň sesini edýän jürlewükler degişlidir.

30. Aw obýektini aldawa salmak arkaly tutmak üçin bäşlik belgiden ýokary bolan gapanlaryň ulanylmagy gadagan edilýär.

31. Hazar deňziniň türkmen böleginiň akwatoriýasynyň çäklerinde, köllerde guşlar awlanan mahalynda guşlaryň rezinden ýasalan gäpleriniň ulanylmagyna, şeýle hem guşlaryň sesini edýän jürlewükleriň ulanylmagyna rugsat edilýär.

32. Aw obýektini awlamak üçin olaryň aýak yzlaryny yzarlamak, olaryň belli bir üýşýän ýerlerine iýimleri dökmek arkaly aldawa salyp awlamaga rugsat berilýär.

## §3. Aw itleri, elguşlar bilen aw awlamak

33. Aw obýektlerini gözlemek, yzarlamak we ele salmak üçin aw itlerini, tazy tohumly aw itlerini we elguşlary peýdalanmaga rugsat berilýär.

Aw meýdanlarynda awçy bilen bilelikde bolýan aw itleriniň ählisi onuň agzalyk şahsyýetnamasyna ýazylan hem-de olaryň Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet weterinariýa gullugynda bellige alnandygy hakynda şahadatnamasy bolmalydyr.

34. Ygtyýar edilen möhletlerde el guşlar (ütelgi, laçyn) bilen aw awlanylan mahalynda, awlap almagyň möçberine çäklendirmeler hem-de aw awlamak üçin gadagan edilen günler bellenilmeýär.

35. Aw itleri bilen aw awlanylmagyna aw möwsüminde ähli aw meýdanlarynda, aw awlamagyň möwsümi bolmadyk döwürlerde bolsa, aw meýdanlarynyň ýörite bölünip berlen meýdançalarynda rugsat berilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen ýagdaýlarda aw itleri bilen aw

awlanylanda şol bir wagtda awto, moto ulag serişdelerini ulanmak gadagan edilýär, “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 24-nji maddasynyň ýedinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa degişli däldir. Aw itleriniň eýeleri özleriniň aw itleri tarapyndan “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň we aw awlamagyň kadalarynyň talaplarynyň bozulmagynyň netijesinde, aw baýlyklaryna ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýärler.

36. Elguşlar bilen aw awlamaga 1-nji oktýabrdan 1-nji fewrala çenli döwürde ygtyýar berilýär. Aw awlamakda ulanylýan elguşlar, olaryň eýeleri tarapyndan Ygtyýarlandyrylan edarada we Türkmenistanyň Elguş awçylarynyň milli jemgyýetinde hasaba aldyrylmalydyr.

37. Türkmenistanyň Elguş awçylarynyň milli jemgyýeti tarapyndan awça berilýän agzalyk şahsyýetnamasynda aw awlamakda ulanylýan tazy tohumly aw itleri barada bellik edilmelidir hem-de awçyda aw itleriniň Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet weterinariýa gullugynda hasaba alnandygy barada şahadatnamasy bolmalydyr. Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan berilýän elguşlary saklamak we olar bilen aw awlamak üçin rugsatnama elguşlar bilen aw awlamak üçin esas bolup durýar.

38. Elguşlaryň bilen bilelikde tazy tohumly aw itleriniň gatnaşmagynda aw awlanylanda awto, moto ulag serişdeleriniň ulanylmagyna rugsat berilýär.

39. Elguşlary tutmak we kapasada saklamak, olary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan berilýän rugsatnama boýunça amala aşyrylýar.

40. Elguşlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek, şeýle hem olary satyn almak, satmak, çalyşmak we sowgat bermek ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan tassyklanylan tertibe laýyklykda amala aşyrylýar

## V bap. Aw awlamagyň möwsümi we möçberi

41. Ygtyýarlandyrylan edaranyň buýrugy bilen her ýyl üçin ýabany haýwanlary we guşlary awlamagyň möwsümi aşakdakylardan ugur alyp, bellenilýär:

1) 4-nji awgustdan 17-nji fewrala çenli döwürde adaty we halkaly gumrylary;

2) 4-nji awgustdan 15-nji marta çenli döwürde gögerçinleri (ýabany kepderileri) we meýne guşlary;

3) 1-nji sentýabrdan 17-nji marta çenli döwürde sakarbaraklary, ördekleri, tersaýaklary, uly we kiçi garajagazlary, goňurarka çuluklary;

4) 22-nji sentýabrdan 17-nji fewrala çenli maral käkilikleri, çil käkilikleri, gazlary;

5) 22-nji sentýabrdan 17-nji marta çenli döwürde gylguýruklary, bagyrtlaklary we dykdykylary;

6) 4-nji awgustdan 18-nji noýabra çenli döwürde ýekegapanlary;

7) 22-nji sentýabrdan 13-nji ýanwara çenli döwürde towşanlary awlamaga rugsat berilýär.

42. Ygtyýarlandyrylan edaranyň buýrugy bilen her ýyl üçin ýabany haýwanlary we guşlary awlamagyň möhletleri haýwanlaryň ýaýran görnüşleriniň sanyny kadaly ýagdaýda saklamak üçin üýtgedilip bilner.

43. Şu Düzgünleriň talaplaryny berjaý etmek şerti bilen aw möwsüminiň dowamynda möjegi, tilkini, gamyş pişigi, sähra pişigi, garsagy we şagaly awlamaga, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilmedik saýraýan we bezeg guşlary awlamaga we tutmaga rugsat berilýär. Saýraýan guşlary tutmagyň möhleri awgust aýyndan 15-nji marta çenlidir. Awça aw möwsüminde saýraýan guşlaryň her bir görnüşinden on sanysyndan köp tutmaga rugsat berilmeýär.

44. Aw obýektlerini awlap almagyň möçberleri aw baýlyklaryna gözegçiligiň esasynda ygtyýarlandyrylan edaranyň her ýylky çözgüdi bilen bellenilýär.

Awlanylýan ýabany haýwanlaryň we guşlaryň populýasiýasyny gorap saklamak maksady bilen, Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan her ýylyň aw möwsüminde bir awça aw awlamagyň ylmy taýdan esaslandyrylyp bellenilýän, aw obýektleriniň görnüşlerini awlap almagyň rugsat berlen aňryçäk möçberi buýruk esasynda bellenilýär we aňryçäk möçberi bellenilende aşakda görkezilenler göz öňünde tutulmalydyr:

1) awlanylýan guşlaryň sany (suwda ýüzýän we batgalykdaky aw guşlary, kepderiler, gylguýruklary, bagyrtlaklary we başgalary) olaryň görnüşine we dürli-dürliligine garamazdan, bir awça bir gezek awa gideninde jemi 20 (ýigrimi) sany guşdan köp bolmaly däl, şol sanda:

a) gaz - 5 (bäş) sany;

b) käkilik - 4 (dört) sany;

2) towşan - 2 (iki) sany;

3) möjek, tilki, gamyş pişigi, sähra pişigi, garsak we şagal sany çäklendirilmezden;

4) ýekegapan ýörite rugsatnama esasynda.

45. Ygtyýarlandyrylan edaranyň ýörite buýrugy bilen her aw möwsüminde ýabany haýwanlary we guşlary awlamagyň möçberi haýwanlaryň ýaýran görnüşleriniň sanyny kadaly ýagdaýda saklamak üçin üýtgedilip bilner. Şeýle hem guşlaryň güýz möwsüminde köpçülikleýin göçýän döwründe zerurlyklar ýüze çykan halatynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ýüz tutmalary esasynda däneli ekinleriň ekilen ýerlerinde gylguýruklary awlamagyň sany üýtgedilip bilner.

46. Awçylar jemgyýetiniň agzasy bolan her bir awçy aw möwsümi we aw awlamagyň rugsat berilen möçberi baradaky çäklendirmeleri bilmeklige borçludyr. Aw awlamagyň rugsat berlen möçberi baradaky çäklendirmeler Ygtyýarlandyrylan edaranyň her ýyldaky aw möwsümi baradaky buýrugynyň

maglumatlaryny özünde jemleýän, Awçylar jemgyýeti tarapyndan çap edilýän we Awçylar jemgyýetiniň agzasy bolan her bir awça berilýän kitapçada görkezilýär. Aw möwsüminiň wagtynyň we aw awlamagyň möçberiniň bozulmagyna ýol berilmeýär.

## VI bap. Aw önümlerini peýdalanmak

47. Höwesjeň aw awlamagyň barşynda ele salnan aw önümleri awçynyň eýeçiligi bolup durýar we şahsy ulanyşyna, aw toplamalaryny köpeltmek maksady bilen aw trofeýleri, gäpleri, sowgatlyklary (suwenirler) we çeper-amaly häsiýetli önümleri ýasamak üçin peýdalanylýar hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli işe ygtyýarnamasy ýa-da rugsatnamasy bar bolan ýöriteleşdirilen söwda edaralaryna şertnamalaýyn bahalar boýunça ýerlemek üçin tabşyrylyp bilner.

48. Höwesjeň aw awlamagyň barşynda ele salnan aw önümleri awçynyň eýeçiligi bolup durýar we şahsy ulanyşyna, aw toplamalaryny köpeltmek maksady bilen aw trofeýleri, gäpleri, sowgatlyklary (suwenirler) we çeper-amaly häsiýetli önümleri ýasamak üçin peýdalanylýar hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli işe ygtyýarnamasy ýa-da rugsatnamasy bar bolan ýöriteleşdirilen söwda edaralaryna şertnamalaýyn bahalar boýunça ýerlemek üçin tabşyrylyp bilner.

49. Senagat maksatly aw awlamagyň önümleri bellenilen tertipde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli işe ygtyýarnamasy ýa-da rugsatnamasy bar bolan ýöriteleşdirilen söwda edaralaryna hökmany tabşyrylmaga degişlidir.

50. Güzeran maksatly aw awlamagyň barşynda ele salnan aw önümleri awçynyň eýeçiligi bolup durýar hem-de şahsy zerurlyk üçin peýdalanylýar ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli işe ygtyýarnamasy ýa-da rugsatnamasy bar bolan ýöriteleşdirilen söwda edaralaryna şertnamalaýyn bahalar boýunça ýerlemek üçin tabşyrylyp bilner.

51. Şikes ýetmegi, tebigy betbagtçylyklar, epizootiýalar ýa-da beýleki sebäpler netijesinde ölen aw obýektleri aw önümleri hasap edilmeýär we olaryň peýdalanylmagy gadagan edilýär. Awçy şular ýaly ýagdaýlara gabat gelende ygtyýarlandyrylan edara ýa-da Awçylar jemgyýetine habar bermäge borçludyr.

52. Aw trofeýleriniň Türkmenistana getirilmegi we onuň çäginden daşyna alnyp gidilmegi ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan berilýän rugsatnama we weterinariýa babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasy tarapyndan berilýän degişli resminama esasynda amala aşyrylýar.

53. Degişli rugsatnamasyz we (ýa-da) ygtyýarnamasyz aw önümleriniň, şeýle hem ýabany, saýraýan we bezeg guşlarynyň söwdasy gadagan edilýär.

## VII bap. Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda gözegçilik we aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda kanunçylygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

54. Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarlandyrylan edara, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, Geňeşler we beýleki degişli ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

55. Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine pudaklaýyn gözegçiligi Awçylar jemgyýeti, özlerine berkidilen aw meýdanlarynda we aw hojalyklarynda aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar hem-de aw hojalyklaryny ýöredijiler tarapyndan amala aşyrylýar.

56. Aw awlamak bilen baglanyşykly iş amala aşyrylanda “Ýarag hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

57. Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine aw meýdanlarynda gös-göni gözegçiligi Ygtyýarlandyrylan edaranyň wezipeli adamlary – döwlet gözegçileri we Awçylar jemgyýetiniň gözegçileri tarapyndan amala aşyrylýar.

58. Ygtyýarlandyrylan edaranyň aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda döwlet gözegçileriniň hukuklary “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenilýär. Olara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gulluk ýaragyny saklamaga, götermäge we ulanmaga rugsat berilýär.

59. Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy, ýagny:

1) aw baýlyklaryndan we aw önümlerinden bikanun peýdalanmak;

2) aw awlamagyň we haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny hem-de olaryň göçýän ýollaryny goramak kadalaryny bozmak;

3) aw baýlyklaryny, olaryň önümlerini, şeýle hem zoologiýa toplamalaryny Türkmenistanyň çägine getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň bellenilen tertibini bozmak;

4) aw baýlyklaryny zoologiýa toplamalary we beýleki maksatlar üçin özbaşdak göçürmek, başga ýerlere uýgunlaşdyrmak we olary bolýan tebigy gurşawyndan aýyrmak;

5) ygtyýarlandyrylan edaranyň aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamlarynyň we Awçylar jemgyýetiniň gorag gözegçileriniň kanuny talaplaryna boýun bolmazlykda günäkär ýuridik we fiziki şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýärler we

bikanun hereketleriniň netijesinde ýetiren zyýanlarynyň öwezini dolmaga borçludyrlar.

## VIII bap. Jemleýji düzgünler

60. Şu Düzgünleriň kadalarynyň berjaý edilişine öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ygtyýarlandyrylan edara hem-de Awçylar jemgyýeti gözegçilik edýärler.

61. Düzgünlerde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

62. Düzgünleriň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

63. Şu Düzgünler bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Aw awlamagyň düzgünlerine
1-nji goşundy

## Agzalyk şahsyýetnamasy

| | | | |
|---|---|---|---|
| **ŞAHSYÝETNAMA № ______**<br>Familiýasy ______________________<br>Ady we Atasynyň ady __________________<br>Doglan ýyly _____ ý. ýaşaýan ýeri ____<br>___________________________________<br>Şahsyýetnama berildi_________<br>_________ ________________<br>(haýsy gurama tarapyndan)<br>Möhür we gol__________<br>«___ » _______ 20 ____ý.<br>Surat ýeri | Şahsyýetnama hakykatdan degişli<br>«__» ____dan 20__ý.<br>__________________<br>(goly)<br>M.Ý. | | Şahsyýetnamanyň gözegçilik talony<br>№____________<br>geçirilen agzalyk tölegi<br>«____» ______ 20__ý.<br>_________________<br>(goly) |
| | Şahsyýetnamanyň degişli möhleti<br>«__» _____dan 20__ý.<br>__________________<br>(goly)<br>M.Ý. | | Şahsyýetnamanyň gözegçilik talony<br>№____________<br>geçirilen agzalyk tölegi<br>«____» ______ 20__ý.<br>_________________<br>(goly) |

| | |
|---|---|
| **AWÇYNYŇ BORJY**<br>1. Aw etmegiň düzgünlerini we möhletini bilmäge, ýerine ýetirmäge;<br>2. Ýaragy we ok-därini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen düzgünlere laýyklykda saklamaga;<br>3. Tokaýda, sährada we dagda ot ýakanyňda ýangyn howpsuzlygynyň talaplary berjaý etmäge;<br>4. Agzalyk şahsyýetnamanyň möhleti tamamlanandan soň möhletini uzaltmak, çalyşmak ýa-da awçylygy bes eden halatynda | **Aw tüpeňlerini bazarda we başga ýerde satmak düýbünden gadagandyr!**<br><br>AWÇYLYGYŇ DÜZGÜNLERI, MÖHLETLERI WE AW TÜPEŇININŇ ULANYŞ TERTIBI BILEN TANYŞDYM.<br><br>Awçynyň goly ___________________ |

| | |
|---|---|
| Şahsyýetnamany beren gurama eltip tabşyrmaga borçludyr;<br>5. Satyljak aw tüpeňleri, aw tüpeňlerini satmaga hukugy bolan, awçylar dükanyna tabşyrmalydyr.<br>Aw ýaragyny we ok-därilerini Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň we Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetiniň degişli rugsatnamalary bolan söwda nokatlaryň üsti bilen ýerlenilmäge. | |

| | |
|---|---|
| AWÇY!<br>Eger siz halka dakylan guş ýa-da haýwan tutaýsaňyz onuň adyny we jynsyny, halkasynyň belgisini we seriýasyny, tutan wagtyňyzy hem-de nirede tutandygyňyzy ýazyň.<br>Maglumatlary şu ýazga ibermegiňizi haýyş edýäris:<br>Salgysy:<br>Telefon belgisi: | **AÝRATYN BELLIK** |
| **ESASY DÜZGÜNLER**<br>1. Türkmenistanyň çäginde, aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar bolup durýan Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetiniň agzalary, şeýle hem döwlet pajyny we agzalyk tölegini töleýän, agzalyk şahsyýetnamasyny, aw obýektini awlap almak üçin möwsümleýin aw ýollanmasyny we (ýa-da) awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnamany alan fiziki şahslar aw awlamak hukugyndan peýdalanýarlar.<br>Daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistanyň çäginde aw meýdanlaryndan peýdalanmak hukuklary ygtyýarlandyrylan edaranyň rugsady esasynda berilýär, beýleki awlaklarda şol awlaklara jogapkär kärhanalaryň beren rugsat hatlary bilen aw edip bolýar. | 2. Agzalyk şahsyýetnamasy ýanynda bolman ýa-da möhleti geçen şahsyýetnama bilen awa çykylanda, şeýle hem Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýaragyny saklamak we ýanynda götermek hukugyny berýän degişli rugsatnamasy bolmadyk ýagdaýynda, aw bikanun hasap edilýär.<br>3. Agzalyk şahsyýetnamasy Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň we Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetiniň wezipeli işgärleriniň, şeýle hem degişli ygtyýarlyklary bolan beýleki wezipeli adamlaryň talap etmekleri boýunça görkezilmelidir. |

| **Hasapdan çykarylandygy we hasaba alnanlygy barada bellik** | | | Aw düzgünlerini we möhletlerini bozanlygy üçin görlen çäre hakynda bellikler |
|---|---|---|---|
| Sene | Hasapdan çykarylan ýeri, hasaba alnan ýeri, ýaşaýan ýeriniň salgysy | goly | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýaragyň bellige alnyşy | | | | | Aw itleriniň bellige alnyşy | | | | |
| Ýaragyň | Çykaran | kalibri | Ýaragyň | bellik | Tohumy | Jynsy | ady | Doglan | Şahadat- |

| görnüşi | zawody | | belgisi | | | | | ýyly | nama belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |

Aw awlamagyň düzgünlerine
2-nji goşundy

## Möwsümleýin aw ýollanmasy

Jemgyýetiň öz nyşany

**TÜRKMENISTANYŇ AWÇYLARYNYŇ WE BALYKÇYLARYNYŇ BIRLEŞEN JEMGYÝETI**

________________________________________________

№ _______

_______________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)

_______________________________________________ aw etmek hukugyny berildi.

Awçylyk biledini № ______

Aw awlamak üçin rugsat berilýär “_____” ________ 20___ý. dan “_____” ________ 20___ýyla çenli

Aw awlamak Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetine berkidilen awlak meýdanlarynda hem-de döwlet aw gaznasynyň meýdanlarynda rugsat edilýär.

________________________________________________________________

Möwsümleýin aw ýollanmasy berildi

“_____” ________ 20___ý. ______________________________

(goly)

M.Ýe. M.Ýe.

Bellik: Aw ýollanmasy aw möwsümi tamamlanandan soň doldurylan ýagdaýda Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetine gaýtarylyp berilmeli.

_________________________________________________________

**ATYLYŞ HASABATY**

| T/b | Awlamaga rugsat berlen haýwanlaryň we guşlaryň görnüşleri | Aw Awlanýan aýlar | | | | | | | | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | VIII | IX | X | XI | XII | I | II | III | |
| 1 | Gumry | | | | | | | | | |
| 2 | Kepderi | | | | | | | | | |
| 3 | Käkilikler | | | | | | | | | |
| 4 | Bagyrtlak, gylguýruk we dykdyky | | | | | | | | | |
| 5 | Ördekleriň ähli görnüşleri | | | | | | | | | |
| 6 | Sakarbalak, uly we kiçi garajagazlar | | | | | | | | | |
| 7 | Batgalykda ýaşaýan guşlar | | | | | | | | | |
| 8 | Gazlar | | | | | | | | | |
| 9 | Adaty tilki | | | | | | | | | |
| 10 | Ýabany pişikler | | | | | | | | | |
| 11 | Şagal | | | | | | | | | |
| 12 | Möjek | | | | | | | | | |
| 13 | Ýekegapan | | | | | | | | | |
| 14 | Towşan | | | | | | | | | |

Aw awlamagyň düzgünlerine
3-nji goşundy

## Awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnama № _____

Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerlerinden başga ýerlerde aw möwsüminiň bellenen senelerinde berkidilen aw we döwlet aw gaznasynyň meýdanlarynda hereket edýän kanunlaryň düzgünlerini berjaý etmek şerti bilen, haýwanyň görnüşi we aw awlamagyň möhleti görkezilip, haýwanat dünýäsiniň obýektine degişli görnüşden bir sany______________________________

_______________________________________________________________________________

12

awlap almak üçin______________________________________________________________________

(rugsatnama alýanyň-şahsy tarapyň familiýasy, ady, atasynyň

______________________________________________________________________ ady,

ýaşaýan ýeri, pasport maglumatlary)

_______________________________________________________bir gezeklik tölegli rugsatnama beridi.

Awçylyk şahadatnamasy № _________ berlen senesi “ _____” _____20____ ý.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan ýarag götermäge berlen rugsatnama №_______ berlen senesi “___”________ 20 __ý.

Rugsatnamanyň möhleti 20 ý. “___” ____dan 20 ý. “___”____çenli degişli.

Bir sany_______________________________awlanandan soň rugsatnamanyň ulanylandygy hakynda

_______________________________________________________________________________

(haýwanyň görnüşiniň ady)

hasabat doldurylyp, awçy tarapyndan alnan ýerine gaýtarylyp berilýär.

Awçynyň _______________________________ _______________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Tölegli rugsatnamanyň berlen senesi “___”_____________ 20_____ ý.
Tölegli rugsatnamany beren wezipeli adamyň _____________________ ___________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Aw awlamagyň düzgünlerine
4-nji goşundy

**Rugsatnamanyň ulanylandygy hakynda hasabat**
**№ 0000**

Awlamagyň görnüşi _______________________________________________________
(kowup çykarmak, bukuda oturmak, itler, elguşlar bilen awlamak)
Awlanan senesi “___”__________20___ý. ____ gün awda _______________duşdy.
(gün sany) (haýwanyň görnüşi)
Awlanan haýwanyň ýaşy ____________, jynsy__________, ____________agramy __________, umumy ýagdaýy ________________________________________________
(daş keşbinde üýtgeşmeler, sagdynlygy, keseli we beýlekiler)

Hasabatyň doldurylan senesi “______”__________________________20____ý.
Awçynyň __________________________________ ________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 15-nji maýynda 1795 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.